THE ASHGABAT TIMES

# Aşgabat halkara hyzmatdaşlykda öňüni alyş diplomatiýa gurallaryny işjeň ulanmagy goldaýar

Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň paýtagtynda BRIKS agza ýurtlaryň nobatdaky sammiti geçirilýär, oňa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşýar. Döwlet Baştutanymyz sammitdäki çykyşynda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putine bildirilen myhmansöýerligi üçin minnetdarlygyny beýan etdi. Şeýle wekilçilikli çärä çakylyk üçin minnetdarlyk bildirip we muny Türkmenistana goýulýan hormatyň nyşany hökmünde kabul edýändigini belledi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan  halkara jemgyýetçiliginiň dünýäde hyzmatdaşlyk, özara hormat goýmak we birek-biregiň bähbitlerini  nazara almak ýörelgelerini berkarar etmäge gönükdirilen tagallalaryna işjeň gatnaşýar. Ýurdumyz özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny parahatçylyk döredijilik gün tertibini ilerletmek ählumumy we sebit howpsuzlygyny üpjün etmek, döwletara gatnaşyklarynda deňhukukly dialog, ynanyşmak we açyklyk medeniýetini pugtalandyrmak üçin ulanýar.

«Gapma-garşylykly ýagdaýlaryň öňüni almak, olary döredýän sebäpleri aradan aýyrmak üçin Bitaraplygyň öňüni alyş diplomatiýasynyň gurallarynyň ulanylmagy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm bölegidir. Häzirki ýagdaýlarda Bitaraplygyň esasy ýörelgeleriniň örän zerurdygyna we dünýä jemgyýetçiliginiň goldamagynda ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek işinde anyk peýda getirmäge ukyplydyklaryna ynanýarys» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň alyp barýan işiniň aýratyn ähmiýetini we netijeliligini bellemek gerek. Bu merkeziň ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýär.

«Jogapkärçilikli döwlet hökmünde Türkmenistan  halkara ýagdaýyny kadalaşdyrmaga we hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşlerine geçmäge gönükdirilen birnäçe çäreleri teklip edýär. Bu babatda ýurdumyz BMG-da birnäçe teklipler bilen çykyş etdi, hususan-da, Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak, BMG-niň parahatçylyk döredijilik tagallalarynda bitarap ýurtlara Guramanyň esasy hyzmatdaşlary hukuk derejesini bermek başlangyçlaryny, şeýle hem sebit howpsuzlygyny we durnuklylygyny berkitmek bilen baglanyşykly birnäçe teklipleri öňe sürdi» diýip, döwlet Baştutanymyz ünsi çekdi.

Все права защищены Current Date